# Ýaş gyzyň haty

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýaş gyzyň haty

ÝAŞ GYZYŇ HATY

Köp-köp salam bolsun Penam jan saňa!
Näme üçin hatyň az gelýär maňa?
Eliň degýän däldir düşünýän,
Penam,
Seniň bilen bile bolsamdym
menem,
Frontda men saňa kömek
bererdim,
Tüpeň atyp, men-de duşman
urardym.
Men gorkak däl Penam,
gorkman ölümden,
Kömek bersem saňa gelse elimden.

Nawodçik edin-de al meni, Penam!
Janym, okobyňa sal meni, Penam!
Dürbiňi ber, ara ölçäp bereýin,
Wagt tapyp gül ýüzüňi göreýin!
Atyş wagty ýaragyňy oklaýyn,
Dynç alaňda gapdalyňy
saklaýyn!..

Pena janym sensiz gysýar
ýüregim!
Sen-sen meniň bu dünýäde
geregim!
Sensiz aýralygyň dagyny çekýän,
Ýazanja hatlarňy ogrynça okýan,
Gara gözüm sen-sen,
söýgüli ýarym!

Seni söýýänimi aňýar hossarym.
Ejemden gizlenip,
hatyň okýaryn.
Ogryn-ogryn suratyňa bakýaryn.
Suratyňa depderimde
jaýym bar,
Seniň söýgiň ýüregimde
daýym bar.

Men seni mydama ýatlaýan Penam,
Seniň adyň boldy dilimde senam!
Gündiz küýümde sen,
gije düýşümde,
Ýatlaýaryn dynç alsam
hem işimde!..

1942 ý.

Çary AŞYROW.

Goşgular